# Türkiýäniñ ýer yranmalar taryhy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Türkiýäniñ ýer yranmalar taryhy TÜRKIÝÄNIÑ ÝER YRANMALAR TARYHY




*Türkiýede XV asyrdan bäri ýigrimiden gowrak 7 balldan geçen güýçli ýer yranmalary bolup geçdi.*
Türkiýäniñ ýerleşen ýerinde XV asyrdan bäri dürli döwürlerde 7 ball we ondanam uly magnitudada 25 gezek ýer yrandy.
Seýsmiki taýdan örän hereketli ýurt bolan Türkiýe Ýewraziýa-Arabystan-Afrika çatrygynda ýerleşýär. Türkiýe çäkleri Demirgazyk Anadoly, Gündogar Anadoly, Günbatar Anadoly jaýryk (razlom) halkalarynyñ kesişýän seýsmiki guşagynda oturýar.




Hünärmenler «Türkiýäniñ ilatynyñ 60%-a golaýynyñ hereket edýän we zyýan berip biljek seýsmiki zonalaryñ üstünde oturandygyny» aýdýar. Şol sebäpli-de, Türkiýedäki binalaryñ şäher gurluşyk maksatnamasynyñ çäginde sarsgyna çydamly gurmak göz öñüne tutulýar.
«Anadolu Ajansi» habarlar gullugynyñ işgäriniñ taýýarlan maglumatlaryna görä, hünärmenler beýikligi 7 gat we şondan ýokary gatly jaýlary ýer köp yranýan ýerlerde gurmak howply.
Şunuñ bilen baglanyşykly 1509-njy ýylyñ 10-njy sentýabrynda Stambul ýer yranmasy (7.2 ball), 1653-nji ýylyb 23-nji fewralynda Gündogar Izmir ýer yranmasy (7.5 ball), 1668-nji ýylyñ 17-nji awgustynda Anadoly ýer yranmasy (8 ball), 1688-nji ýylyñ 10-njy iýulybda Izmir ýer yranmasy (7 ball), 1881-nji ýylyñ 3-nji aprelinde Sakyz adasy ýer yranmasy (7.3 ball), 1894-nji ýylyñ 10-njy iýulynda Stambuk ýer yranmasy (7 ball) bolup geçdi.
1900-1939-njy ýyllar aralagynda bolsa, 1912-nji ýylyñ 9-njy awgustynda Mürefte ýer yranmasy (7.3 ball), 1919-njy ýylyñ 18-nji noýabrynda Aýwalyk ýer yranmasy (7 ball), 1930-njy ýylyñ 7-nji maýynda Hakkari ýer yranmasy emele geldi.
1939-2018-nji ýyllar aralygynda Erzinjan, Erbaa, Ladik,

Gerede, Ýenije, Fethiýe, Abant, Manýas, Gediz, Muradiýe, Izmit, Düzje, Wan ýer yranmalary bolup geçdi.
1939-2018-nji ýyllar aralygynda 7 balldan geçýän jemi 14 ýer yranmasy bolup geçdi.
Ilkinji bilen 1939-njy ýyyň 27-nji dekabryndaky Erzinjan ýer yranmasynda (7.9 ball) 33 müňe golaý adam öldi, 100 müň adam ýaralandy, 116 müňe golaý jaý ýykyldy. Erzinjan ýer yranmasy dünýä boýunça bolup geçen iň uly ýer yranmalarynyň biri hasaplanýar.
Bu ýer yranmasy Türkiýäniň çäklerinde bolup geçen iň uly sarsgyndy. Şu ýer yranmasy bilen birlikde ilkinji gezek Demirgazyk Anadoly jaýryk (razlom) halkasynyň bardygy aňşyryldy we Türkiýede seýsmiki meseleleriň üstünde durlup başlandy.
Tokat Erbaada 1942-nji ýylda bolan ýer yranmasynda (7 ball) 3 müň adam gurban boldy.
Samsunyň Ladik etrabynyň golaýynda 1943-nji ýylyň 26-njy noýabrynda bolup geçen ýer yranmasynda (7.2 ball) 4 müň adam gurban boldy, müňlerçe adam ýaralandy, jaýlaryň 75%-i ýykyldy.
Bolu Geredede 1944-nji ýylda (7.5 ball), Çanakkale Ýenijede 1953-nji ýylda (7.2 ball), Mugla Fethiýede we Bolu Abantda 1957-nji ýylda (7.1 ball), Manýasda 1964-nji ýylda (7 ball) ýer yranmalary bolup geçdi.



• **Türkiýäniñ taryhynyñ iñ uly ýer yranmasynyñ biri – Warto**

Muşuñ Warto etrabynda 1966-njy ýylyñ 19-njy awgustynda güýçli ýer yranmasy (6.9 ball) bolup geçdi. Bu ýer yranmasy ýurduñ taryhynda uly ýitgilere getiren tebigy betbagtlyklaryñ biri hökmünde ýatlanýar.

Şol ýylyñ dowamynda Wartoda iki gezek ýer titredi. Birinjisi 7-nji martda 14 adamyñ ölümi we 75 adamyñ ýaralanmagy, ikinjisi bolsa 19 awgustda 2 müñ 394 adamyñ ölümi we 1500-e golaý adamyñam ýaralanmagy bilen soñlandy.

Has soñra 1967-nji ýylda Mudurnuda (7.2 ball, 1970-nji ýylda Gedizde (7.2 ball) ýer titredi.




• **Muradiýe ýer yranmasy**

Wanyñ Muradiýe etrabynda 1976-njy ýylyñ 24-nji noýabrynda bolan ýer yranmasynda (7.5 ball) aradan çykanlaryñ yzy bilen -17 gradusa ýeten añzakly sowuk zerarly doñup ölenleriñem hetdi-hasaby bolmady.

Sebitiñ 1939-njy ýyldaky Erzinjan ýer titremesinden soñ iñ güýçli ýer titremesi hökmünde hasaba alynan Muradiýe ýer yranmasynda 3 müñ 840 adam gurban boldy, 500-e golaý adam

ýaralandy, 10 müñ bina zaýalandy.




- **45 sekunt dowam eden Göljük ýer yranmasy**

Kojaeli Göljükde 1999-njy ýylyñ 17-nji awgustyndaky ýer yranmasynda (7.4 ball) köp möçberde adam we mal pidalary boldy.

45 sekunt çemesi dowam eden we Türkiýäniñ ýer yranma taryhynda «iñ uly ýer titremesi» hökmünde hasaba alynan Göljük ýer yranmasy tutuş Marmara sebitiniñ, ýagny, Ankaradan Izmire çenli aralykda duýuldy.

Ýykgynçylykly sarsgyn Kojaeli, Göljük, Düzje, Sakarýa, Stambul, Ýalowa welaýatlarynda köp sanly adam we mal pidalaryna getirdi.

Resmi maglumatlar 17 müñ 118 adamyñ ölendigini, 25 müñe golaý adamyñam ýaralanandygyny mälim etdi. Ýer yranmasyndan iñ köp zyýan çeken Kojaelide 9 müñ 477 adam gurban boldy, 9 müñ 881 adamam ýaralandy.



- **7,2 ball magnitudaly Düzje ýer yranmasy**

Düzjede 1999-njy ýylyň 12-nji noýabrynda bolan ýer yranmasy (7.2 ball) 30 sekuntlap dowam etdi. Birnäçe welaýata täsirini ýetiren ýer yranmasy Ukrainadanam bildirdi. Şol ýer yranmasynda 894 adam gurban boldy, 2 müň 679 adam ýaralandy, müňlerçe adam öýsüz galdy.

Düzjäniň Tebigy betbagtçylyk we gyssagly ýagdaý müdirliginiň berýän maglumatlaryna görä, 1999-njy ýyldaky ýer yranmalarynda Düzje boýunça 16 müň 666 ýaşaýyş jaýy, 3 müň 837 edara binasy zaýalandy, 10 müň 968 ýaşaýyş jaýy bilen 2 müň 573 edara binasyna orta derejeli, 13 müň 70 ýaşaýyş jaýy bilen 1606 edara binasyna bolsa ýeňil derejeli şikes ýetendigi anyklandy.




**• 25 sekunt dowam eden Wan ýer yranmasy**

Episentri Wan welaýatynyň Tabanly etrabynda bolan 2011-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda bolan ýer yranmasy (7.2 ball) 25 sekunt dowam etdi we 601 adam öldi. Halas ediş işlerine ýurduň içinden 140 topar 4 müň 418 adam bilen gatnaşdy. Daşary ýurtlardanam 10 ýurt 12 topar bilen olara kömek berdi.

Wan 2011-nji ýylyň 9-njy noýabrynda sagat 21:23-de uly ýer yranmasy (5.6 ball) boldy. Episentri Edremit welaýatynda bolan ýer yranmasynda iki otel bilen birlikde 25 bina ýykyldy.

Umuman aýdanda, Türkiýäniň ýerleşen ýerinde XV asyrdan bäri dürli döwürlerde 7 balla ýeten we geçen yranmalarynyň 25-i bolup geçdi. Türkiýe iň soňky gezek 2023-nji ýylyň 6-njy fewralynda Kahramanmaraşda bolup geçen iki ýer yranmasy (7,7 we 7,6 ball) bilen sarsdy.

@ Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Taryhy makalalar